# Erteki küýsedim garran çagymda…

Category: Ertekiler,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Erteki küýsedim garran çagymda… ERTEKI KÜÝSEDIM GARRAN ÇAGYMDA…

Ene jan, erteki aýdyp bersene,
Ertekide möjek bolsun, döw bolsun.
Uçýan haly, ýetim oglan, ýetim gyz,
Hudaýberdi gorkak, kow-ha-kow bolsun.

Garny çişik baýyň lellim oglunyň
Üstünden ýene-de gülmek güleýin.
Batyr Mämmetjanyň yzyna düşüp,
Menem şonuň ýaly batyr bolaýyn.

Garry enem bilen gürleşip sähel,
Ýene-de men çagalygma dolandym.
Hyýalymda enem bilen bileje,
Ertekiler dünýäsine şaýlandym..

- «GELMIŞEM DÜNÝÄ SEÝLINE…“

Gelmişem dünýä seýline,
Gurulmyşdyr ömür tagtym.
Näme bolanyny gördüň,
Orta ýolda ýatsa bagtyň?!

Aýt, oglan, kim bilipdir,
Dünýäniň soňsuz syryny?
Kim ýasapdyr başda onuň
Ýyldyzdan nurbat, hyryny?

Kyblama ynanyşym deý,
Ynanyp gezdim Pyraga.
Ganat berendir ol maňa,

Hyýalda mündüm Byraga.

Nadanlaryň pis işinden
Kim çekmedi jebri-jepa?
Derdimi asan eýlemiş,
Ussadym berendir şypa.

Ynsabym atam ynsaby,
Haýyr işden tapdym sogap.
Haýyr-sogap dünýäsinde,
Ýagşylara etdim togap.

• GOŞGY ÝAZDYM…

Ýazdym bir giden goşgyny,
Gözümi çirk etmän geçirdim gije.
Ýazdym, pozdum, ýazdym, pozdum…
Okap görüp, ýyrtyp, okladym peje.

Ýazdym men bu gije ýene bir goşgy,
Ýazyp-pozup, ýazyp, ýene okadym.
Ýyrtrp-ýyrtyp peje zyňdym ýene-de,
Her gün daňdan tüsse bolup tütedim…

• BILDIM

«Ilim!“ diýip, janyn beren,
Damarda al ganyn beren.
Gara ýere ýanyn beren,
Göroglyny ýeke bildim.

Towşana dogduk depedir,
Depe özüne çekedir.
Dost saga, duşman çepedir,
Iner ýükün çekebildiň.

Saklap daýhan sarpasyny,
Ekdim bugdaý, arpasyny.
Tebigatyň zarbasyny
Ýaýdan çykan oka bildim.

Görüp Karun azanyny,
Küýsedim al-Gazalyny.
Haramylar gazanyny,
Ahyrzaman gülki bildim.

Geçse geçsin ömrüň ýazy,
Ykbalymdan boldum razy,
Kalbymdaky aýdym-sazy,
Öz ilimiň görki bildim.

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular